# Uýama…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Uýama… Küýsäp mähriñ,gara gözüñ,dideleñ,
Señ ýoluña mydam garap durmuş men.
Men alysda,senem hol uzaklarda,
Öz öýüñi,öz bagtyñy gurmuş sen.

Uýam küýseýäñmi,senem men ýaly,
Birmahalky höwür bolan döwrümiz.
Duýýañmy sen,káte ýüregiñ gyssa,
Seni juda küýseýänni göwnümiñ.

Duýýansyñ,seniñ hem hut meni küýsäp,
Bolýandyr gözleriñ ýaşlan halatyñ.
Şol putsat iñ zerur duýmaly zadyñ,
Señ üstüñde gerilgidir ganatym.

Ýetirip dur ,alysdaky dünýäme,
Señ halyñy göwün atly ganatym.
Gözüñ ýumda,keşbim gözle göwnüñden,
Senem küýsäp gutaranda takatyñ…

Gyzylgül Annagylyjowa. Goşgular